# Sözünde tapylmadyk derwüş hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sözünde tapylmadyk derwüş hakynda hekaýat Sözünde tapylmadyk derwüş hakynda hekaýat

Üşbu hekaýatyñ manysy şunda,
Sözüñde tapyljak bolgunyñ sen-de.

Çekip il-ulusdan özüni çete,
Bir diwana derwüş ýaşapdyr ýeke.

Dagda bar getirýän daragtlar känmiş,
Ol miweden başga iýmit iymänmiş.

Ol özüne söz beripdir şeý diýip:
«Diñe ýere gaçan miwäni iýip

Oñaryn daragta elim uzatman,
Şu beren sözümde duraryn hökman».

Ötegçilere-de ýüz tutmazlyga,
Çalşypdyr wadasyn unutmazlyga.

Günler yz-yzyna geçip durupdyr.
Şemala miweler gaçyp durupdyr.

Birdenem tebigat tutup kejine,
Şemalyñ ösmegi kesilýär, ine.

Özem beýle ýagdaý çekip kän güne,
Ýañky derwüş düşenmişin kyn güne.

Öwüsgin ýokmuşyn daş-töwerekde,
Ýekeje miwe-de gaçmandyr hatda.

Biçäre derwüşiñ agzyn suwardyp,

Şahalarda almalar dur gyzarşyp.

Armytlaram sallanşyp dur enaýy,
Oñ başy aýlanýar bakdygysaýy.

Derwüşiñ açlykdan eñkamy gidip,
Ýolupdyr miweden elin uzadyp.

Biz gowy iş etsek, görýäs mazasyn,
Erbet işlermiziñ çekýäs jezasyn.

Derwüşiñ ýaşaýan ýerine dogry,
Gelipdir şol gije bir topar ogry.

Bir çola jülgede ykjam jaýlaşyp,
Ogurlan zatlarny telläp, paýlaşyp.

Uzak gije şagal mesligin gurap,
Duýup özlerini howpdan yrak,

Oturan wagtlary ertesi irden
Ogrularyñ daşy gabaldy birden.

Ol iliñ şeýleräk kadasy bardy-
Olar ogryñ sag elini çapýardy.

Ogurlyga ysmaz ýaly boguny,
Çapýardylar ogryñ çep aýagyny.

Şo golaýda ýaşap ýören derwúşem,
Bir söý bilen olañ içine düşen.

Oña-da mynasyp jeza tapyldy-
Sag eliniñ barmaklary çapyldy.

Aýagny çapmaga gezek gelende,
Nökerleriñ biri dillendi şonda:

«Bakyñ muña, ogry küje, zat küje?
Jeza berip keramatly derwüşe,

Günä galypdyrys özümiz» diýdi,
«Indi ýiter biziñ yzymyz» diýdi.

Jeza beren nöker barmagny çapyp,
Derwüşiñ alnynda dyzyna çöküp,

«Günämizi ötüñ!» diýip ýalbardy,
Derwüş şonda oña bakyp, ýylgyrdy:

«Bu işiñe ahmyr edip ýörmegin,
Gaty dogry maña jeza bermegiñ.

Bozdum men özüme beren wadamy,
Bozdum men gadymdan gelýän kadany.

Hut şonuñ üçinem, señ eliñ bilen,
Maña berlen jeza Tañrydan gelen». Goşgular